# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň 2016-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

**1-nji madda**

Türkmenistanyň 2016-njy ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler boýunça 102478,5 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 104878,5 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 18205,5 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 20605,5 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**2-nji madda**

Türkmenistanyň 2016-njy ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň ahyrky derejesini 2400,0 mln. manat möçberde bellemeli.

2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary býujet ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin çeşme bolup durýar diýip bellemeli.

**3-nji madda**

Türkmenistanyň 2016-njy ýyl üçin Merkezleşdirilen býujetini girdejiler boýunça 94184,9 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 96584,9 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 9911,8 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 12311,8 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**4-nji madda**

Umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2016-njy ýyl üçin kadalyk ölçeglerini şu aşakdaky möçberlerde bellemeli:

| | Goşulan baha üçin salgytdan | Peýdadan alynýan salgytdan | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 44% | 45% | 44% |
| Ahal welaýaty | 95% | 95% | 95% |
| Balkan welaýaty | 20% | 21% | 20% |
| Daşoguz welaýaty | 95% | 95% | 95% |
| Lebap welaýaty | 95% | 96% | 95% |
| Mary welaýaty | 95% | 95% | 95% |

**5-nji madda**

2016-njy ýylda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden welaýatlaryň býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin 1317,8 mln. manat möçberde serişdeleri bölüp bermeli, şol sanda:

| | | |
|---|---|---|
| Ahal welaýaty | 128,1 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 927,2 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 262,5 | mln. manat |

**6-njy madda**

Ýerli býujetleri 9611,4 mln. manat möçberde, şol sanda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerini aşakdaky möçberlerde tassyklamaly:

| | | |
|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 3103,1 | mln. manat |
| Ahal welaýaty | 992,0 | mln. manat |
| Balkan welaýaty | 946,3 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 1344,7 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 1716,1 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 1509,2 | mln. manat |

**7-nji madda**

Zähmet haky, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr diýip bellemeli.

**8-nji madda**

Türkmenistanyň Maliýe ministrligine Türkmenistanyň kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan, kararlaryndan, buýruklaryndan gelip çykýan zerur bolan takyklamalary 2016-njy ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň görkezijilerine girizmegi, şeýle hem Merkezleşdirilen we ýerli býujetleri ýerine ýetirmegiň barşynda ähli çykdajy maddalary boýunça tygşytlanan serişdeleri zerur ýagdaýlarynda beýleki çykdajy maddalara gönükdirmegi tabşyrmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**